# Ýazmyrat Mämmediýew

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Powestler,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ýazmyrat Mämmediýew

ÝAZMYRAT MÄMMEDIÝEW

Ýazmyrat Mämmediýew 1930-njy ýylda Mary oblastynyñ Sakarçäge raýonunda oba mugallymy maşgalasynda dünýä inýär. Ol 1944-nji ýylda obanyñ ýediýyllyk mekdebini gutarýar. Şol mekdepde pioner wojatyý edilip işe alnyp galynýar. Uruş ýyllary mugallym kadrlarynyñ ýetmezçiligi zerarly başlangyç klaslary okadýar.
Ol 1949-njy ýylda Marynyñ pedagogik uçilişesini üstünlikli tamamlaýar. 1950-nji ýyldan ýediýyllyk mekdepde okuw müdiri bolup işe başlaýar. Ol ýene-de okuwyny dowam etdirýär. Ýazmyrat Mämmedi 1956-njy ýylda Türkmen Döwlet Pedagogiki institutyna gaýybana okuwa girýär. Soñundan pedagogik institut uniwerstete öwrülýär. Ýazmyrat Mämmedi 1956-njy ýylda Türkmen Döwlet Uniwersitetiniñ taryh fakultetini gutarýar.
Ý.Mämmediýew 1952-1954-nji ýyllar aralygynda goşun gullugynda bolýar. Gullukdan dolanyp gelensoñ ýene-de oba mekdebinde mugallym direktor wezipelerinde işleýär. Ol 1964-nji ýylda Türkmen Döwlet Uniwersitetiniñ aspiranturasyna okuwa girýär. 1967-nji ýyldan uniwersitetde mugallym bolup işe başlaýar… 1970-nji ýylda alymlaryñ öñünde dissertasiýa gorap, taryh ylymlarynyñ kandidaty diýen alymlyk derejesini alýar.
Ý.Mämmediýewde ýaşlyk ýyllaryndan başlap, çeper edebiýata çuññur söýgi döreýär. Ol eline düşen çeper eserleri ürç edip okaýar. Ol elmydam kitap gözleginde bolýar. Soñunda onuñ özi-de çeper döredijilige meýil edip ugraýar. Ol ellini ýyllaryñ ortalaryndan başlap, oçerkler, hekaýalar ýazýar. Onuñ ilkinji ýazan oçerkdir hekaýalary metbugat sahypalarynda peýda bolup ugraýar. Ikinji synanyşyklar bolan oçerkdir hekaýalarda täze öwrenje awtoryñ elin duýulsa-da, onuñ altmyşynjy ýyllaryñ

başynda çap edilen ''Prorab'' atly oçerki şowly bolup çykýar. Garagum kanalynyñ gurluşykçylaryna bagyşlanan bu oçerk awtoryñ geljegine uly ynam döredýär.

Ý.Mämmediýew romana girişmezden öñ ''Ene ýüreginiñ gürsüldisi'', ''Ter güller hakda ballada'' ýaly powestleri ýazdy. Ý.Mämmediýew deslapdan has uly göwrümli eser döretmegi ýüregine düwdi. Ol 1964-nji ýylda ''Ene Toprak'' atly Watançylyk ruhuna beslenen romanyny ýazyp gutarýar. Bu eser şowly bolup çykýar. Ol Roman respublikan edebi konkursynda III baýraga mynasyp bolýar. Ol 1967-nji ýylda özbaşyna kitap edilip uly ile ýaýradylýar. Okyjylaryñ hem söýgüli eserleriniñ birine öwrülýär. Ol Aşgabatda, Moskwada rus dilinde-de neşir edilýär. Bu roman esasynda spektakl, kinofilm döredilýär. Ý. Mämmedi geçmiş döwrüñ wakalaryna Watan, watançylyk geçmiş döwrüñ wakalaryna Watan, watançylyk meselelerine bagyşlap üç sany powest döredýär. Olar 1973-nji ýylda ''Ene ýüreginiñ gürsüldisi'' ady bilen ýörite kitap edilip neşir edilýär. Ol kitabyñ baş gahrymany zenan Gymmanyñ ýygralykdan dogumlanyp, gaýratly zenana öwrülmegi janlandyrylýar. Emma bu powestiñ ''Ene toprak'' romanyna çalymdaş ýerleri göze ilýär.

Ýazmyrat Mämmediýew agzalan ýygyndy-da ýerleşdirilen ''Ýygyrtlara siñen syrlar'' atly powestinde folklorlaryñ däplerinden döredijilikli peýdalanýar. Bu eser sýujetiniñ gyzyklylygy, sadalygy bilen ünsüñi özüne çekýär.

Ý.Mämmediýewiñ ''Çynar boý alýar'' romany Watan ogullarynyñ kämil hakyky şahsyýet derejesine galmak tamasyna bagyşlanýar. Bu eser öz döwrüniñ edebiýatynda ýörite bu meselä bagyşlanyp ýazylan ýeke-täk eserdir.

Umuman Ý.Mämmediýew eserlerinde Watanyny, halkyny özboluşly millet derejesine ýokary götermek meselesine aýratyn uly üns berýär.

Soñra Ý.Mämmediýewiñ ''Şapak'' atly iki kitapdan ybarat romany çapdan çykýar. Onuñ birinji kitaby 1980-nji ýylda, ikinji kitaby 1991-nji ýylda neşir edildi. Bu roman ýazyjynyñ juda çorba sowadan eseri.

Ol ägirt uly taryhy maglumatlary jikme-jik öwrenmek esasynda dünýä inen roman. Elbetde, her bir eserde taryhy wakalaryñ

bolmagy mümkin. Emma ol eserde taryh tutuşlugyna beýan edilipdir.
Ý.Mämmediýewiñ ýokarda agzalyp geçilen eserlerinden başga 2007-nji ýylyñ mart aýynda ''Garagum jurnalynda çykarylyp başlanan ''Alp Arslanyñ dünýä inmegi'' diýip atlandyrylan romany hem uly ähmiýet berdi.

Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly